# Ganyp dolup

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ganyp dolup GANYP DOLUP



Hyýal içre gezdim bir küý,
Ajap geýnip han şa bolup.
Arzuw meýli bal şerbet deý,
Süýji bolmuş ganyp dolup.
Ömrüm geçmiş kyrk üç ýaşy,
Bitirmedim hiç bir işi,
Eý Ýaradan biz ne kişi,
Ýoksuzlykdan hyýal salyp.

Serim arzuw, pyglym arzuw,
Çeşme ganmaz akmasa suw,
Gurar baglar saýramaz guw,
Boşluk misli göç saýylyp.

Hanlyk berseň gana gana,
Ilim söýsem jana jana,
Bolluk içre dana dana,
Perman bermek ýeter elip.

Halmyrat gul seň saýaňda,
Dileg dogalap raýyňda,
Ýa Ýaradan meň paýymda,
Açyl seçil ganyp dolup. Goşgular